**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň kitaphanasy hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň kitaphanasy hakyndaky (mundan beýläk - Kitaphana) Düzgünnama Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, “Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda”, “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunlaryna, mekdebiň Tertipnamasyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Hökümetiň degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, bilim edaralarynyň kitaphanalarynyň işini döwrebaplaşdyrmak we onuň hil derejesini ýokarlandyrmak, elektron katalog we elektron kitaphana ulgamyny döretmek, işe girizmek, maglumat alyş-çalyş işini ýola goýmak boýunça öňde goýlan wezipelere laýyklykda guraýar, şeýle-de Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň kitaphana işleri baradaky düzgünnamalaryna hem-de gözükdirijilerine esaslanýar.

1.2. Kitaphana okuw-usuly, hünärlere degişli hem-de ylmy edebiýatlar we maglumatlar bilen okuw-terbiýeçilik ulgamyny öz wagtynda üpjün edýän, şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň eserlerini, ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda bolup geçýän ösüşleri, özgerişleri wagyz ediji, bilimi ýaýradyjy, syýasy we ylmy habarlara, edebi-çeper neşirlere bolan isleglerini kanagatlandyrmakda degişli işleri alyp barýan orta hünär okuw mekdebiniň esasy düzüm böleginiň biridir.

1.3. Hereket edýän kanuna laýyklykda mekdep kitaphananyň işini maliýeleşdirýär we onuň işine gözegçilik edýär

1.4. Kitaphana jemgyýetde bolup geçýän özgerişlere laýyklykda kitaphana gaznasyny wagyz edýär, okyjylara kitaphanada bar bolan maglumatlardan giňden peýdalanmaga mümkinçilik döredýär.

1.5. Kitaphana gaznasyndan peýdalanmagyň tertibi, esasy hyzmatlaryň sanawy we kitaphananyň olary berjaý etmeginiň tertibi kitaphanadan peýdalanmagyň düzgünleri tarapyndan kesgitlenilýär.

## II. Esasy wezipeleri

2.1. Kitaphana kitap gaznasyny orta hünär okuw mekdebiniň ugruna we okyjylaryň isleglerine laýyklykda jemleýär.

2.2. Soragnama-bibliografik we maglumatlar ulgamyny, şeýle-de elektron kitaphana gaznasyny döretmek, elektron kitap goruny baýlaşdyrmak boýunça yzygiderli iş alyp barýar.

2.3. Orta hünär okuw mekdebi kitaphana hyzmatlarynyň gerimini giňeldip,

enjam taýdan baýlaşdyrmagyň esasynda onuň hilini ýokarlandyrýar we elektron maglumat ulgamyny kämilleşdirýär.

2.4. Okyjylarda kitap, kitaphana, maglumat ulgamy şeýle-de elektron maglumat ulgamy bilen işlemek medeniýetini terbiýeleýär.

## III. Kitaphananyň alyp barýan esasy işleri

3.1. Okyjylara ylmy-okuw iş maksatlary üçin maglumat tapmagyň we ony ulanmagyň ýollaryny, kitaphananyň kitaphana-bibliografik hem-de elektron maglumat ulgamlaryndan we kitaphana gaznasyndan peýdalanmak endiklerini öwredýär.

3.2. Orta hünär okuw mekdebiniň talyplaryny, mugallymlaryny we beýleki işgärlerine aşakdaky hyzmatlar bilen üpjün edýär:

- kataloglar, kartotekalar we maglumatlary almagyň beýleki görnüşleriniň üsti bilen kitaphana gaznasynyň düzümi barada okyjylara doly maglumat berýär;
- okuw edebiýatlaryny we beýleki zerur maglumatlary tapmakda hem-de saýlamakda okyjylara kömek berýär;
- kitaphana gaznasyndan okuw kitaplaryny we beýleki resminamalary wagtlaýyn ulanmaga berýär;
- kitaphanalaryň arasyndaky abonement boýunça gorunda ýok bolan kitaplary boýunça beýleki kitaphanalardan kitap alýar
- ylmy-okuw işlerini alyp barmak üçin amatly şertler döretmek maksady bilen bibliografiki görkezijileri, edebiýatlaryň sanawyny düzýär;
- temalar boýunça bibliografiki maglumatlary düzýär;
- sergileri gurnaýar.

3.3. Okyjylary kitaphana gaznasyndan peýdalanmagyň öňdebaryjy tilsimatlary (elektron kitaplar, elektron kataloglar, internet ulgamy we ş.m.) bilen yzygiderli tanyşdyryp durýar.

3.4. Kitaphana gaznasynyň üstüni talabalaýyk dolduryp durmak, okyjylary zerur bolan maglumatlar bilen doly üpjün etmek üçin okyjylaryň isleglerini kanagatlandyryş derejesini öwrenýär.

3.5. Kitap gaznasynyň ýerleşdirilişini, hasabatyny alyp barýar we olaryň abat saklanylmagyny üpjün edýär.

3.6. Hereket edýän kanuna we Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda, okuw mekdebiniň ýolbaşçylary bilen ylalaşyp, neşir önümlerini kitaphana gaznasyndan aýyrmagyň tertibine görä. Mazmun taýdan könelen, ulanyş möhleti geçen, köp ýyllaryň dowamynda ulanylmagyň netijesinde tozan okuw kitaplaryny we okuw gollanmalaryny, beýleki edebiýatlary hasapdan aýyrýar. Orta hünär okuw mekdebiniň ugruna gabat gelmeýän, az ulanylýan we çalyşmaga niýetlenilen okuw kitaplaryny we beýleki edebiýatlary başga kitaphanalara geçirmegi ýola goýýar.

3.7. Ýekebara we köpçülikleýin işleşmegiň görnüşlerini we usullaryny peýdalanmak arkaly orta hünär okuw mekdebiniň terbiýeçilik işleriniň maksatnamalaryny durmuşa geçirmek işlerine gatnaşýar.

3.8. Talyplara kitaphana-bibliografik düşünjeleriň esaslary hakynda okuw

sapaklary gurnaýar, olarda maglumatlary gözlemek we okuw işinde peýdalanmak boýunça endikleri kemala getirýär.

3.9. Kitaphananyň işini kämilleşdirmek boýunça sosial barlaglary geçirýär we öňdebaryjy kitaphana tehnologiýalaryny öz işine ornaşdyrýar.

3.10. Okuw kitaplary, gollanmalary okyjylar tarapyndan ýitirilen ýa-da zaýalanan ýagdaýynda olara şol neşiriň nusgasyny aldyryp kitaphana gaznasyna kabul edýär (kitabyň nusgasyny almak bilen bagly çykdajylary kitaby ýitiren okyjy çekýär).

3.11. Kitaphananyň gaznasyndan ýitirilen ýa-da zaýalanan kitaplaryň, gaýry neşir önümleriniň (okuw kitaplary, okuw gollanmalaryndan başga) öwezini dolmak işi Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň buýrugy bilen tassyklanylan Türkmenistanyň Bitewi kitaphana gaznasyny, Türkmenistanyň kitaphanalarynda Kitap alyş-çalşygyny, Depozitar gaznany guramagyň we kitaphana gaznasynyň aýawlylygyny üpjün etmegiň hem-de gorap saklamagyň Düzgünnamasyna laýyklykda, ýagny ýitirilen ýa-da zaýalanan kitaplary degişli derejede şolar ýaly ýa-da kitaphana tarapyndan deň bahaly diýlip ykrar edilen metbugat eserleri we neşir önümleri bilen çalyşmak arkaly amala aşyrýar.

3.12. Gaznasynda halkyň taryhyna we medeniýetine degişli aýratyn ähmiýetli kitaplar bar bolsa, ol kitaplaryň abat saklanyşyny üpjün edýär we olaryň türkmen halkynyň medeni baýlygynyň bir bölegi hökmünde öz wagtynda hasaba alnyşyna jogapkärçilik çekýär.

3.13. Kitaphana öz işini orta hünär okuw mekdebiniň okuw bölümi, usuly birleşmeler bilen sazlaşykda alyp barýar, ylym we döredijilik işgärleri, önümçiligiň öňdebaryjylary bilen duşuşyklary, okyjylar maslahatlaryny we medeni çäreleri guraýar. Has tapawutlanan okyjylardan kitaphananyň işjeň toparyny döredýär.

3.14. Ylmy-tehniki we beýleki maglumat gorlary bolan edaralar bilen hereket edýän kanuna laýyklykda bilelikde iş alyp barýar.

3.15. Kitaphanaçylar hünärini kämilleşdirmek maksady bilen ugurdaş mekdepleriň öňdebaryjy kitaphanalarynyň iş tejribelerini öwrenýärler. Degişli bilim we medeniýet edaralary tarapyndan guralýan usuly okuwlara gatnaşýarlar.

## IV. Kitaphananyň işini dolandyrmak we guramak

4.1. Kitaphananyň işine ýolbaşçylygy orta hünär okuw mekdebiniň direktorynyň ýolbaşçylygynda işini alyp barýan kitaphanaçy amala aşyrýar we ol mekdebiň Mugallymlar geňeşiniň agzasy bolup bilýär.

Kitaphanaçy orta hünär mekdebiniň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylan wezipe borçlaryna laýyklykda öz işini guraýar we öz borçlarynyň çäginde kitaphananyň işiniň netijesi boýunça doly jogapkärçilik çekýär.

4.2. Kitaphananyň işgäri mekdebiň direktory tarapyndan wezipä bellenýär we wezipeden boşadylýar.

4.3. Orta hünär okuw mekdebiniň ýolbaşçysy kitaphana gaznasynyň doldurylmagy boýunça degişli işleri alyp barýar, tassyklanylan düzgünlere laýyklykda kitaphanany iş otagy we goşmaça otaglar, zerur bolan dürli elektron

enjamlar (kompýuterler, köpeldiji enjamlar we ş.m.) bilen üpjün edýär.

4.4. Kitaphana iş resminamalaryny we alyp barýan işleriniň hasabyny ýöredýär. Kesgitlenen tertibe laýyklykda özüniň hasabatyny we meýilnamasyny taýýarlaýar we tassykladýar.

4.5. Kitaphananyň iş düzgüni orta hünär okuw mekdebiniň içki düzgün-nyzam tertibine laýyklykda mekdep ýolbaşçysy tarapyndan kesgitlenýär.

## V. Kitaphananyň hukuklary we borçlary

5.1. “Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna we şu düzgünnama, şeýle-de Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň kitaphana işi baradaky kadalaşdyryjy resminamalaryna laýyklykda aşakdaky hukuklara eýedir:

- düzgünnamada görkezilen maksatlara hem-de meselelere laýyklykda öz işiniň mazmunyny we görnüşini kesgitlemäge;
- kitaphanadan peýdalanmagyň tertibi, kitaphana hakyndaky Düzgünnama, wezipe borçlary we ş.m. resminamalaryň taslamalaryny mekdebiň direktoryna tassyklatmak üçin hödürlemäge;
- degişli düzgünnamanyň esasynda kitaphanadan peýdalanmagyň tertibini düzmäge;
- mekdebiň okuw meýilnamalary we maksatnamalary bilen tanyşmaga. Kitaphananyň öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde bölümlerden zerur bolan maglumatlary we materiallary almaga;
- kitaphana we maglumat-bibliografik işler bilen baglanyşykly dürli derejeli ýygnaklara, maslahatlara, duşuşyklara mekdebiň adyndan gatnaşmaga;
- kesgitlenen tertipde beýleki kitaphanalar we guramalar bilen hat alyşmaga;
- kitaphanaçylaryň hünär tejribesini kämilleşdirmek maksady bilen kitaphana işgärleriniň usuly birleşmeleriniň işine, maslahatlara gatnaşmaga.

5.2. Kitaphana işgäriniň günäsi boýunça kitaplar kem çyksa, ýetmeýän kitaplaryň bahasy administratiw tertipde şol işgäriň aýlygyndan tutulýar ýa-da neşirlere deň derejeli başga neşirler bilen çalyşmak arkaly öwezini dolýar.

5.3. Kitaphana işgärleriniň zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy esasynda kadalaşdyrylýar.

5.4. Şu Düzgünnamada göz öňünde tutulmadyk meseleler “Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň kitaphana işi boýunça degişli kadalaşdyryjy resminamalaryna laýyklykda seredilýär.